# Sizde Alla gorkusy ýokmy?

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sizde Alla gorkusy ýokmy?

SİZDE ALLA GORKUSY ÝOKMY?

Respublikan halk partiýasynyñ (RHP) deputatynyñ häkimlik edýän Mersin şäher häkimliginiñ halka mugtuna çörek paýlamasy ýurduñ Içeri işler ministrligi tarapyndan togtadyldy. RHP-li häkimlikleriñ pakyr-pukaralara goldaw bermek üçin yglan eden haýyr-sahawat çäreleri hut Prezident Rejep Taýýip Erdogan tarapyndan gadagan edildi.
Şonuñ üçin Hezreti Pygamberimiziñ hadyslaryndan mysal alan ýazgymda AKP hökümetini tankytlapdym.
Býurokratiýanyñ iñ ýokary wezipelerinde işlän we ýigriminji döwür Adana şäheriniñ deputaty bolan agam Ertan Ýülek şeýla hat ugradypdyr:
"Orhanjan, kişä ýardam etmek baradaky hadyslardan söz açyp, diýseñ wawwaly meselä degipsiñ. Minnetdarlygymy bildirýärin.
Ýene bir zady nygtap geçesim gelýär, esasy üns berilmeli höküm: Kuranyñ "Maun" süresiniñ 4-5-6-7-nji aýatlary her bir musulman üçin hökmany buýruk hökmünde berilen hökümlerdir.
Köp dogaýy salamlar bilen haýyrly, saglykly, yrsgal-bereketli günler diläp gözleriñizden ogşaýaryn."
"Maun" süresiniñ türkçe mealy şeýle:

**"Rahman we Rahym bolan Allanyñ ady bilen.**
**1. Din gününi yslamy, ahyretde jezany we mukafaty ýalanlaýarlary gördüñmi?**
**2. Ynha, ol, ýetimi itip-kakar.**
**3. Ýoksuly doýurjak bolmaz.**
**4. Şeýdip namaz okaýanlaryñ waý gününe!**
**5. Olar namazlarundan gapyldyrlar.**
**6. Olar göz üçin ybadat ederler.**
**7. Olar iñ kiçijik ýardamyñam ýoluna böwet bolarlar."**

Din işleri ministrliginiñ web saýtynda ýerleşdirilen "Kuran ýoly" tefsirinden sitata alynan "Maun" süresiniñ manysyny düşündirmäge synanşaýyn:

"*Allanyñ öňünde hakyky manyda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeýänler tankyt edilýär.*
*– Ybadatlaryny halka göz üçin etmeleri;*
*– Haýyr işlere päsgelçilik döretmeleri.*

6. Aýatda **ryýa** adalgasy bilen añladylan "halka göz üçin etme" manysyndadyr.
Ryýa – hususanam dini meseleler bileb baglanşykly adalga bolup, "bir kimsäniñ özünde bolmadyk dini we ahlak artykmaçlygy bar ýaly edip görkezmegine, ýagşy işleri edýänsiremegine garamazdan, edýän işleri bilen dini we ahlak garşylygyndan zyýada, maddy we başga maksatly şahsy bähbitlerini göz öňüne tutmasy" manysyna gelýär.
Ynha, aýatda şol ýaramaz häsiýet tankyt edilýär.

7. Aýatda "Haýyr" diýip terjime eden soñky aýatdaky **"mâûn"** sözüni Tabary "Ynsanyñ bähbidine bolan hemme zat" diýip düşündiripdir.
Kelimäniñ aýatdaky manysynyñ "zekât, parz edilen sadaka, beýleki maddy borçlar, adamlaryñ öz aralarynda bir-birlerine peýdalandyrmadyk nygmatlary, hak-hukuk, ödünç, mal" ýaly manylary añladýandygy baradaky pikirleriñ üstünde durup geçenden soñra, munuñ bilen baglanyşyklylyjda adamlara ýagşylyk, haýyr-sahawat, nygmatlaryñ paýlaşylmagy ýaly manylary berýän umumy many añladýandygyny-da ýañzydýar.
Şonuñ üçinem bizem mealdaky "mâûny" haýyr kelimesi bilen ýazmagy makul bildik.

7. Sürede üns bermeli ýene bir hususam, Allaha ýürekden ybadat etmek bilen birek-biregi goldamagyñ we raýdaşlygyñ dindarlygyñ aýrylmaz bölegidini ýañzydýanlygydyr.

Şoña görä-de, hakykatdanam dine ynanýan we ahyret jogapkärçiligini duýýan adam diýip:

Hem Allanyñ, hem hem ýaradylanlaryñ (bendesiniñ) öñündäki borçlarynyñ parhynda bolan;
Bulary ak ýürekden we uçursyz yhlas bilen ýerine ýetiren;
Özüniñ ýagşylyk edişi ýaly, hemmeleriñem ýagşylyk etmesine şert döredýän;
Birek-biregi goldamagyñ we raýdaşlygyñ ýoluna böwet bolman, tersine, onuñ ýoluny açýan;
Şahsy bähbidini unudyp, il-günüñ we jemgyýetiñ bähbidine goşant goşan adama diýilýär.
Ynha, yslamyñ gegemonlaşdyrmak islän hakyky ahlagy we ýokary adamkärçiligi şudur."

Hormatly okyjylarym!
Bassyr on sekiz ýyllyk häkimiýetde oturmak Rejep Taýýip Erdoganyñam, onuñ ýolbaşçylyk edýän partiýasy bolan AKP-lileriñem ynanjyny düýpgöter üýtgetdi.
Olar indi syýasy bähbitleriniñ hatyrasyna halka edilen kömekleri hökümetiñ güýjüne bukulyp gadagan etmäge başladylar.
"Allanyñ nygmaty" bolan çöregiñ halka mugtuna paýlanmagyna päsgel berýän düşünjäni musulmanlykdan paýyny alan düşünje hasap edip bilersiñizmi?
Kuranyñ hökümi birek-birege kömek etmegi musulmanlara hökmany şert edip goýýanam bolsa, yslam gymmatlyklaryny on sekiz ýyllap dillerinden düşürmän gelen Erdogan we AKP-liler syýasy bähbitlere kowalaşyp, Kuranyñ hökümini görmediksirän bolýarlar.
Olar indi "Jan gerekmi, pyçak?" diýlişi ýaly, "Syýasatmy yslamyýet?" diýip soralsa, "Syýasat!" diýip biljek derejä düşdüler…
Häkimiýetden gitme gorkusyndan ýaña Alla gorkusyny unutdylar…
Syýasy bähbitleriñ hatyrasyna Kuranyñ emirlerini depgilemekden çekinmeýärler.…
Wagty-sagady geler we bilip goýuñ, Alla-da, millet hem sizlerden munuñ hasabynu sorar…

Orhan UGUROGLY,
orhan@yenicaggazetesi.com.tr

© "Yeni Çağ" gazeti, 21.04.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby.

Jemgyýetçilik tankydy